# MÄMMETKÖMEK



*Halk Ertekisi*
*Illýustrator: Döwlet Akyýew*

Bir bar eken, bir ýok eken, Mämmetkömek diýen bir adam bar eken. Ol örän huşsuz[1] ekeni. Gören-eşiden zadyny derrew ýadyndan çykarar eken.

Bir gün Mämmetkömegiň aýaly oňa:

– Meniň şugundyr iýesim gelýär, bir ýerden şugundyr tapyp ber! – diýipdir. Mämmetkömek bolsa, şugundyra gitmeli bolupdyr. Ýola düşen wagty "şugundyr" sözüni ýadyndan çykaryp, gaýdyp öýlerine gelipdir. Aýaly oňa "şugundyr" sözüni gaýtalap aýdypdyr. Mämmetkömek bolsa, yzyny üzmän, "şugundyr-şugundyr" diýip ýola düşüpdir.

Barýarka, öňinden bir suwly ýap çykypdyr. Ýapdan bökjek bolanda, "şugundyr" sözi ýene ýadyndan çykypdyr. Mämmetkömek: "Edil şu ýerde ýitirdim, ýaba gaçandyr" diýip, ýabyň içini gözläp, iki baka aýlanyberipdir. Şol wagt ýoldan iki sany adam geçip barýan eken. Ol adamlar Mämmetkömegiň ýanyna gelip:

– Dost sen bir zat ýitiräýdiňmi, näme? – diýipdirler. Onda Mämmetkömek:

– Wah, şu ýapdan bökenje ýerimde ýitdi. Indi men öýimize nä ýüz bilen dolanaryn? – diýip köp gynanypdyr. Ol gelenler bolsa bir gowy zadyny suwa gaçyrandyr öýdüpdirler. Olaryň birisi:

– Dost biz hem agtaryşaly[2], eger tapsak ýarpysyny bize berermiň? – diýipdir. Mämmetkömek oňa razy bolupdyr. Üç adam bolup suwa girip agtarypdyrlar. Güýziň sowuk suwy olaryň aýaklaryny üşedipdir. Ahyr biri:

– Meniňä aýaklarym şugundyr ýaly boldy – diýipdir. Mämmetkömek "şugundyr" sözini eşidenden soň:

– Aý, tapandyryn – diýip, ýapdan çykyp gaçypdyr. Agtaryşyp ýören adamlar hem:

– Tapan bolsaň, ýarpysyny berip git! – diýip kowalapdyrlar. Bir ýerde Mämmetkömegi tutup:

– Tapan bolsaň, ýarpysyny bize ber! – diýipdirler. Mämmetkömek bolsa, yzly-yzyna "şugundyr" diýmekden başga jogap gaýtarmandyr. Olar Mämmetkömegi urup, usurgadypdyrlar. Soňra Mämmetkömek:

– Onda men name diýeýin? – diýipdir. Onda olar:

– Ýaryny tapdym diý-de gidiber – diýipdirler. Mämmetkömek "Ýaryny tapdym" diýip, gaýtalap barýarka, öňinden bir pul ýitiren adam çykypdyr. Ol adam Mämmetkömegi tutup:

– Ýarpysyny tapan bolsaň ol meniňkidir, ony ber! – diýipdir.



Mämmetkömek ugryna seretmän, öňki sözini gaýtalap durmuş. Ol adam Mämmetkömegi urupdyr. Mämmetkömek ýykylýança öz sözini gaýtalapdyr. Mämmetkömek işiň bolmajagyny bilip:

– Onda men näme diýip gideýin? – diýipdir. Ol adam hem:

– Herkim meniň pulymy tapyp-da maňa bermese kül bolsun – diýipdir. Onda Mämmetkömek "kül bolsun" diýip, gaýtalap ýola düşüpdir. Barýarka, öňinden bir harman alýan çykypdyr. Mämmetkömegiň "kül bolsun" diýenini eşidip:

– Sen meniň bir ýyllyk zähmetimiň hasylyny kül ederçe boldyňmy? – diýip, mazalyja ýenjipdir. Soňra Mämmetkömek:

– Onda men näme diýeýin? – diýipdir. Harman alýan:

– Çäjiňe[3] bereket, diý-de gidiber – diýipdir. Mämmetkömek "çäjiňe bereket" diýip gidiberipdir.

Obanyň çetinde bir gabrystanda bir topar adam öli jaýlap duran eken. Mämmetkömek olaryň ýanyna baryp:

– Çäjiňe bereket – diýipdir.

– Ol adamlar hem biziň hemmämiziň ölümimizi dileýärsiň, sen biziň duşmanymyz ekeniň – diýip, mazalyja ýenjipdirler. Soňra Mämmetkömek:

– Onda men näme diýip gideýin? – diýipdir. Onda olar:

– "Heýwaý-eý|" diýip, agla-da gidiber – diýipdirler. Mämmetkömek aglap barýarka, bir uly baýyň toýunyň üstinden duşupdyr. Baý bolsa, Mämmetkömege:

– Men ýekeje oglyma toý edýärin. Sen meniň şatlyk günimde aglarmyň? – diýip, alypdyr taýagyň astyna, tas gözi çykan eken.

Mämmetkömek:

– Onda men näme diýip gideýin? – diýipdir. Onda baý:

– "Ha-ha-ha" diýip, gülüp git – diýipdir.

Mämmetkömek gülüp barýarka, bir keýigi nyşana alyp ýatan mergeniň[4] duşyndan baryp, keýigi ürkizipdir. Mergen hem Mämmetkömegi tüpeňiň gundagy[5] bilen ura-ura bir hal edipdir. Soňra Mämmetkömek:

– Onda men näme diýeýin? – diýipdir. Mergen:

– Sesiňi çykarman, pesden pese bukdaklap[6] git – diýipdir. Mämmetkömek bukdaklap barýarka, bir gawunly ýere düşüpdir. Joýadan joýa bukdaklap ýörkä, itler duýup, sakçy[7] hem gelip, ölüm azabyna beripdirler. Mämmetkömek telim güniň azabyndan ýadap, ajygyp, suwsap, ýykylyp galypdyr. Gijäniň bir wagty aýaza çydaman, turup ugrapdyr. Barýarka, öz öýleriniň gapysyny tanapdyr. Gapyny kaksa, aýaly içerden:

– Kimsiň? – diýipdir.



Mämmetkömek bolsa, öz adyny ýadyndan çykaryp:

– Men, aç gapyny! – diýipdir.

Aýaly her näçe “kimsiň” diýip sorasa-da, Mämmetkömek “men” diýmekden başga bir söz aýdyp bilmändir.

Soňra aýaly:

– “Men” bolsaň, daşarda ýatyber – diýip, gapyny açmandyr.

Mämmetkömek alaç tapman, daşarda oturypdyr.

Ertesi il örenden soň öýlerine gelip:

– Şunça azap görüp, getiren zadymy saňa bererinmi? – diýip, bir dulda baryp oturypdyr.

---

[1] Ýatkaş däl.

[2] Gözleşeli.

[3] Döwlüp harmandan alnan arassa bugdaýyň üýşmegi.

[4] Tüňeň atmaga ussat adamyň.

[5] Tüpeňiň nili berkidilýän agajy.

[6] Görünmejek bolup ýapyrylyp ýöräp.

[7] Gözegçilik edýän.